# Gözden salmañ

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Gözden salmañ GÖZDEN SALMAÑ




Dört gün bäri bir jümläni gaýtalap gelýärin: «Ýykylan köpmilletli imperiýalaryň yzynda galdyran problemalaryny bir asyrlabam düzedip bolmaýar».
Birinji jahan urşunda Osmanlyny ýykan imperializm onuň yzynda galanlary paýlaşyp bilmän, Ikinji jahan urşunyň turmagyna sebäp boldy. Ondan soňam Ýakyn Gündogarda (we Balkanlarda, Kawkazlarda) uruşlar az bolmady.
«Hamas»-Ysraýyl urşuna şu analiz bilen başlamak gerek.
Ysraýyla hüjüm guraýan «Hamasyň» syýasy şahamçasy «Izzeddin el-Kassam» brigadalarynyň gürrüňini edýärin.
Izzeddin el-Kassam (1882-1935) – osmanly raýatydy. Kakasy Osmanly şerigat sudunyň wezipeli işgäridi we hanafy-kaderiýe tarykatynyň ýerli ýolbaşçysydy. Atasy-da tarykatyň belli şeýhidi. Maşgala Yrakdan Jebelä göçüpdi.
El Kassam «El Ezher» uniwersitetinde okamak üçin Kaire gidipdir. Onuň bu ýerde musulman reformisti Muhammet Abdodan bilim alandygy aýdylýar…
Yzyndan Abdonyň «okuwçysy (has soňra «Şuraýy-Osmany» jemgyýetiniň başlygy bolýar) oruntutary M.Reşit Ryza bilen Trablusşamda duşuşandygy aýdylýar…
El Kassam soňra 1909-njy ýylda Jebelä gaýdyp gelýär, kaderiýe medresesinde mugallymlyk we gezende wagyzçylyk edipdir.
Şorag şu:
Ömrüni yslamy taglymat bilen geçiren El-Kasymyň ady nädip,

neneñ-niçik edip, «Hamasyñ» ýaragly güýçlerine dakyldy?




* * *

El-Kasym Osmanla bagly bolupdyr.
Italýan imperializmi Tripolini basyp alanda, watan goragy üçin pul toplaýar.

«Eý Rahman, eý Rahym,
Soltanymyza muzapbar eýle!
Hem duşmanymyz italýanlary ýeñ!»

— diýip gimn ýazýar. Uruşmak üçin üýşüren ýüzden gowrak watan

goragçysy bilen Iskenderuna gelýär. Osmanly hökümeti Balkan frontyny güýçlendirmek üçin Tripoliden elimi ýuwansoñ, El-Kassam dogduk depesine dolanmaly bolýar.
Ýöne ol indi jihatçy urşujydy…
Birinji jahan urşunda osmanly goşunyna goşulýar, harby tälim aldy «Teşkilaty-Mahsusanyñ» (Osmanly kontrrazwedkasy) nökeri bolýar. Yslam watançylaryna guramaçylyk edýär.
Osmanlynyñ ýykylmagy bilen Siriýany basyp alan fransuz imperializmine garşy daga çykýar, fransuz goşunynyñ üstüne çozuşlary gurnaýar.
Yztutarlary jöhit fondy tarapyndan satyn alynan ekin meýdanlary bilen güzeranyny dolaýan kärendeçi garyp daýhanlar bolýar.
Araplary gyrakladýan ibrany işçi güýji syýasatynyñ netijesinde Haýfa şäherine süýşen demirgazyk Palestinadaky garyp musulmanlaryñ arasynda El-Kassamyñ ady dillere dessan boldy…




* * *

El-Kassam fransuz imperializminiñ golastyndan iñlisleriñ golastyndaky Haýfa geçdi. Iñlisleriñ we jöhitleriñ üstüne çozmak üçin gijeki düşelgelerde watançy podrazdeleniýeleri birleşmäge çagyrýan joşgunly syýasy-dini wagyzlary etdi…

Ierusalimiñ baş müftüsi (has soñra Gitlere ýakynlaşan) Emin el-Hüseýni bilen gatnaşyk açdy. Ilkibaşda aralary erbedem däldi, emma iñlislere garşy gozgalaña gatnaşmagyny talap edende, El-Hüseýni boýun towlady welin, aralaryna tow düşdi. Şeýle-de:

Iñlis imperializminiñ däl-de, jöhit giñelmeleriniñ birinji duşmanydygyny öñe sürýän dünýewi-milletçi «Hizb El Istiklal» ýaly partiýalardan arany açdy. Palestinada ösüp-örñäp barýan çaknyşygy sap dini göreş hökmünde gördi.
«Gara el» şeýdip guruldy. Bölünişikler bolup geçdi. Ybraýym el-Kabiriñ ýolbaşçylygyndaky topar, iñlis we jöhit obýektleriniñ üstüne çozuşlary guramagy dogry hasaplasa, El-Kassam ýaragly gozgalañ turzardan ir hasaplady…
Palestin polisiýasynyñ işgäri Moşe Rozenfeld öldürildi. Iñlis polisiýasy Ýabadyñ golaýyndaky gowakda El-Kassamyñ daşyny gabady. Çaknyşykda El-Kassam wepat boldy.
Boýun egmezligi we göni ölümiñ üstüne ýöremegi rowaýata öwrüldi. «Ölümiñ ýaşap ýöreniñden has owadan gürleýär!»
Birnäçe palestin topary onuñ adyny göterdi. Iñ soñky bolup «Hamas» ýaragly podrazdeleniýesine bu ady dakdy…
Sözümiñ başyna gaýdyp gelip, şu soragy bereýin:
Sowukganly dindar sopyny ýaragly göreşe näme iterdi?
Imperializm faktoryny gözden salsañyz, detallaryñ içinde boglup galarsyñyz.

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 10.10.2023 ý. Publisistika